Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş
bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň
№ 15- iş - Buýrugy esasynda
« 25» Ýanwar 2021 ý.
tassyklanan

**Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda**

**Ş E R T N A M A № ______**

Aşgabat ş. «____» _______ 20 ý.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň adyndan, geljekde "**BANK**" diýlip atlandyrylýan, ______________ № ______ Buýrugyň esasynda hereket edýän Müdiriýetiň başlygynyň orunbasary ___________________ bir tarapdan we

**Müşderi edara görnüşli tarap bolanda:**

_________________(edaranyň ady) Tertipnamasynyň (ýa-da beýleki hukuk beriji resminamanyň ady) esasynda hereket edýän (wezipesi we A/F/Aa)__________________

**Müşderi telekeçi bolanda:**

______________belgili Patentiň (ýa-da beýleki hukuk beriji resminamanyň ady) esasynda hereket edýän telekçi (A.F.Aa.)___________________

geljekde "**MÜŞDERI**" diýlip atlandyrylýan, beýleki tarapdan, soňra ikisi bilelikde "Taraplar" diýlip atlandyrylýanlar, aşakdakylar hakynda şu Şertnamany baglaşdylar.

## 1. Şu Şertnamada kesgitlemeler we düşündirmeler

**Awtorlaşdyrma** – bank kartyny ulanmak bilen amallary geçirmek üçin BANK tarapyndan rugsat bermeklik, ýagny bank kartynyň eýesi tarapyndan bank kartyny ulanmak bilen amal geçirilende satyn alynýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) töleginiň kepilliginiň tassyknamasynyň berilmegini aňladýar.

**Karty saklaýjy** –ady we familiýasy kartyň ýüz tarapynda, golunyň nusgasy bolsa – kartyň arka tarapynda görkezilen kartyň eýesini aňladýar.

**Prosessing merkezi –** Visa International, MasterCard halkara we Millikart, Altyn Asyr milli töleg ulgamlarynyň bank kartlarynyň ulanylmagy bilen geçirilýän amallar baradaky maglumatlary ýygnamak, işläp taýýarlamak we hasaplaşyklara gatnaşyjylara – karz edaralaryna ýaýratmak bilen baglanyşykly işleri amala aşyrmaga ygtyýarlyk berlen, ulgamyň düzüm birligi.

**Tranzaksiýa** – harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) tölegini geçirmek üçin bank kartyny ulanmagyň netijesinde kart saklaýjynyň hasabyndan pul serişdeleriniň alynmagyny we MÜŞDERÄ geçirilmegini aňladýar.

**Embossirleme** – kartda, ýöriteleşdirilen enjamyň (embosseriň) kömegi bilen güberçek belgiler görnüşinde kart saklaýjy barada maglumatlaryň goýulmagyny aňladýar.

**Elektron terminal** – bank kartlary bilen amallary geçirmek, elektron awtorlaşdyrymany almak, çekleri resmileşdirmek we amallar baradaky maglumaty elektron görnüşde banka ibermek üçin ulanylýan enjam.

**Imprinter** –aragatnaşyk ulgamlary arkaly bankda awtorlaşdyryşma geçirilenden soň, kartyň güberçek belgili maglumatlarynyň yzyny ýörite töleg kagyzyna – slipe geçirmek ýoly bilen kartlar bilen amallary geçirmek üçin niýetlenilen mehaniki enjam.

## 2.Şertnamanyň mazmuny

2.1.Şu Şertnama boýunça MÜŞDERI **Visa International we MasterCard halkara hem-de Millikart we Altyn Asyr milli** töleg ulgamlarynyň bank kartlaryny (mundan beýläk – "kartlar") ulanmak arkaly tölegleri kabul etmek borçnamasyny öz üstüne alýar.

2.2. BANK şu Şertnama boýunça, MÜŞDERI tarapyndan enjamy ulanmak bilen ähli edilen töleg amallary barada elektron görnüşinde iberen maglumatlaryň netijesinde pul serişdelerini MÜŞDERINIŇ peýdasyna geçirmek borçnamasyny öz üstüne alýar.

## 3.Bankyň borçlary we hukuklary

**3.1.BANKYŇ borçlary:**

3.1.1. MÜŞDERINIŇ işgärlerine karty saklaýjylara hyzmat etmegiň kadalary boýunça okuw we gözükdirme geçirmek.

3.1.2. MÜŞDERIDEN **Visa International we MasterCard halkara hem-de Millikart we Altyn Asyr milli** töleg ulgamlarynyň töleg kartlaryny boýunça maglumatlary kabul etmegi guramak, MÜŞDERIDEN kabul edilen deňeşdirme delilnamalaryna gol çekmek we delilnamanyň 1 (bir) nusgasyny MÜŞDERÄ gaýtarmak.

3.1.3.Şu Şertnamanyň 2.2 bölüminde görkezilen pul serişdelerini, Prosessing merkezinden serişdeler gelip gowşan seneden 5 (bäş) bank gününden gijä galman, MÜŞDERINIŇ hasabyna geçirmegi amala aşyrmak.

3.1.4. Şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýan 2-nji Goşundysynda görkezilen MÜŞDERINIŇ nokatlarynda kartlaryň ulanylmagy bilen amala aşyrylýan amallary gije-gündiziň dowamynda awtorlaşdyrmagy geçirmek.

3.1.5. Kartlaryň ulanylmagy bilen amallary geçirmek üçin zerur bolan, BANKA degişli ýa-da BANK tarapyndan makullanan enjamlar we mahabat-habar beriş maglumatlary bilen MÜŞDERINI üpjün etmegi guramak.

3.1.6. Şu şertnama bilen baglanşykly maglumatlary BANKYŇ web-saýtynda yzygiderli girizmekligi gurnamak.

**3.2. BANKYŇ hukuklary:**

3.2.1. Islendik hakyky bolmadyk ýa-da hakykylygyna şübhe döredýän amal boýunça töleg geçirmezlige (şu Şertnamanyň 6.1 bölüminde we 1-nji belgili Goşundyda görkezilenler). MÜŞDERIDEN alnan elektron maglumatlaryň esasynda MÜŞDERINIŇ peýdasyna pul serişdeleriniň girdeji edilmegi/geçirilmegi bu amalyň hakykydygynyň tassyklanmasy däldir.

3.2.2. Hakyky däl elektron maglumatlar boýunça, şeýle hem şu Şertnamanyň 4.1.7 bölüminde göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirilmedik elektron maglumatlar boýunça töleg ulgamlary tarapyndan BANKYŇ hasabyndan hasapdan öçürilen pul serişdeleriniň möçberlerini MÜŞDERINIŇ peýdasyna geçirilýän töleglerinden (öwezini dolmalardan) akseptsiz tertipde tutup almak.

3.2.3. MÜŞDERINIŇ işgärleri tarapyndan şu Şertnamanyň we degişli Goşundylaryň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmek maksady bilen, enjamyň ulanylýan nokatlarynda barlaglary geçirmek.

3.2.4. Edilýän hyzmatlar üçin kesgitlelen nyrhlary bir taraplaýyn üýtgetmek we BANKYŇ www.tfeb.gov.tm saýtynda ýerleşdirmek.

3.2.5. BANKYŇ beren enjamlaryny MÜŞDERI tarapyndan ulanandygy bilen baglanşykly pul serişedeleri barada ähli ýüze çykýan tölegleri MÜŞDERINIŇ razylygyna garamazdan almak.

3.2.6. BANKYŇ beren enjamlaryny baglanşykly tölegler ýüze çykan ýagdaýynda şu Şertnamanyň 2-nji belgili Goşundysynda görkezilen maglumatlar boýunça töleg talapnamsyny goýmak.

3.2.7. MÜŞDERI tarapyndan şu Şertnamanyň 4.2.1. bölüminde görkezilen möhletden gijikdirip kart saklaýjynyň hasabyndan geçirilen amallar bildirýän talaplaryny ret etmek.

## 4. Müşderiniň borçlary we hukuklary

**4.1. MÜŞDERINIŇ borçlary:**

4.1.1. Şu Şertnamanyň we Gözükdirijiniň (1-nji Goşundy) düzgünlerini berjaý etmek, şeýle hem BANK tarapyndan MÜŞDERÄ berilýän gözükdiriji maglumatlarda beýan edilen talaplary ýerine ýetirmek.

4.1.2. Nagt pul serişdeleri bilen tölegde ulanylýan şol bir nyrhlary ulanmak bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) tölegi hökmünde kartlary kabul etmek. Kart boýunça nagt däl we nagt hasaplaşykdaky tölegleriň arasyndaky nyrh aratapawudy BANKYŇ hyzmat hakynyň möçberinden köp bolmaly däldir.

4.1.3 Enjamyň ulanylýan nokatlarynda Visa International we MasterCard halkara hem-de Millikart töleg ulgamlarynyň nyşanlary şekillendirilen mahabat beriş maglumatlary ýerleşdirmek.

4.1.4. Şertnamanyň 2-nji goşundysyndaky bank maglumatlary bilen baglanyşykly ähli üýtgeşmeleri barada ýazmaça görnüşde haýal etmän BANKA habar bermek.

4.1.5. Amallary geçirmek üçin diňe BANK tarapyndan berlen ýa-da makullanan enjamlary, çykdaýjy edilýän zatlary, mahabat-habar beriş maglumatlaryny, klişeni ulanmak.

4.1.6. Her günüň dowamynda terminal arkaly töleg geçirilen bolsa, günüň ahyrynda jemleri deňeşdirmeli, ýagny terminalda “jemi barlag deňeşdirme” amaly ýerine ýetirmek. Her aýda, hasabat aýyndan soň gelýän aýyň 10-yndan gijä galman, kartlary ulanmak bilen geçirilen amallar boýunça 2 (iki) nusgada deňeşdirme delilnamasyny BANKA bermek.

4.1.7. Elektron terminallaryň maglumatlarynyň nusgalaryny, şeýle hem kartlar boýunça amallar (çekler, hasaplar we ş.m..) bilen baglanyşykly beýleki maglumatlaryň nusgalaryny Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan möhletleriň dowamynda saklamagy hem-de olary hat üsti bilen ilkinji talap edilende BANKA bermek.

4.1.8. BANK tarapyndan berilen enjamlary üçünji taraplara we olaryň işgärlerine ulanmaga bermezlik.

4.1.9. Beýleki edaralardan we olaryň işgärlerinden, şeýle hem şahsy taraplardan kartlary ulanmak bilen geçirilen amallaryň sliplerini müşderi bolmadyk tarapdan BANKA tabşyrmak gadagan.

4.1.10. Şu Şertnamanyň 1-nji Goşundysynda görkezilen telefonlar arkaly BANKA awtorlaşdyrma şertli belgisini (kody) almak üçin ýüz tutmak.

4.1.11. Ýörite okuwy geçen jogapkär işgärlerine enjamlarda işlemäge ygtyýarlyk bermek.

4.1.12. BANKYŇ ýazmaça razylygy bolmazdan, üçünji taraplary enjamyň gurluşy, tehniki häsiýetleri bilen tanyşdyrmazlyga, şeýle hem oturdylan enjamda haýsydyr-bir üýtgetmeleri geçirmezlige.

4.1.13. Eger aragatnaşyk ulgamlary/serişdeleri BANKYŇ adyna resmileşdirilen bolsa, onda şol enjamlary ulanandygy üçin çykdajylaryň öwezini dolmak.

4.1.14. MÜŞDERI taraplaryň kabul ediş-tabşyryş namasyna gol çeken senesinden soňra enjamyň we oňa degişli bolan serişdeleriň zaýalanandygy, ýok bolandygy üçin BANKA ýetirilen zyýany tölemek.

4.1.15. Karty saklaýjylar tarapyndan enjamyň ulanylýan nokatlarynda galdyrylan plastik kartlaryny 3 (üç) iş gününiň dowamynda BANKA tabşyrmak.

4.1.16. Şu şertnama boýunça BANKYŇ www.tfeb.gov.tm saýtynda ýerleşdirilýän Bankyň amala aşyrýan hyzmatlaryna alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlaryny yzygiderli gözegçlikde saklamak.

4.1.17. Enjamy ulanmak bilen baglanşykly tölegler BANKYŇ www.tfeb.gov.tm saýtynda görkezilen Nyrhlaryna laýyklykda tölemek.

**4.2. Müşderiniň hukuklary**

4.2.1. Amal geçirlenden soňra 45 iş günüň dowamynda geçirlen amallar boýunça degişli tassyklaýjy resminamalary goşup öz hasaplaşyk hasabyna gelip düşmedik serişdeler boýunça BANKA ýazmaça görnüşde ýüz tutmak.

## 5. Hyzmatlar boýunça hasaplaşyklar

5.1. Bankyň amala aşyrýan hyzmatlaryna alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlary BANKYŇ www.tfeb.gov.tm saýtynda ýerleşdirilýär.

## 6. Hakyky däl amallar

6.1. Amal şu ýagdaýlarda hakyky däl diýip hasaplanýar, eger:

6.1.1. Amal şu Şertnamanyň we 1-nji Goşundynyň düzgünleriniň bozulmagy bilen geçirilse.

6.1.2. Elektron terminalynyň çeginden/slipde kart saklaýjynyň goly bolmasa, ýa-da kartdaky ýa-da emitent-bankdan alnan goluň nusgasyna laýyk gelmese.

6.1.3. MÜŞDERINIŇ kassiriniň slipde goly bolmasa.

6.1.4. MÜŞDERI tarapyndan BANKA berlen elektron terminalyň/slipiň çeginiň nusgasy kartyň eýesindäki çegiň nusgasyna laýyk gelmese.

6.1.5. Amalyň geçirilen gününde kartyň hereket edýän möhleti eýýäm geçen bolsa.

6.1.6. Kartyň eýesi tarapyndan tölenen tölegleriň bahasynyň MÜŞDERI tarapyndan nagt hasaplaşyklar üçin bellenilen nyrhlaryndaky bahasyndan aratapawudy BANKA tölenmeli hyzmat hakynyň möçberinden köp bolsa.

6.1.7. Awtorlaşdyrma kody soralmadyk ýagdaýynda.

6.1.8. Kartyň elektron terminalyň çeginde çap edilen belgisi kartyň ýüz tarapyndan embossirlenen belgä laýyk gelmese.

6.2. Şu Şertnamanyň 6.1 bölüminde we 1-nji Goşundynyň 1.4 bölüminde görkezilen amallar şertli kabul edilen hökmünde garalýar. Şeýle elektron amallaryň/slipleriň tölegi diňe BANK şeýle tölegleriň möhletini çäklendirmezden, töleg ulgamlaryndan gutarnykly tölegleri alandan soň tölenýär. Kartlaryň ulanylmagy bilen amallar boýunça hasaplaşyklary BANK töleg ulgamlarynyň hereket edýän kadalary boýunça geçirýär.

## 7. Taraplaryň jogapkärçiligi

7.1. Şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirilmezligi üçin, Taraplar, Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga we şu Şertnamanyň şertlerine laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

7.2. BANK MÜŞDERI bilen karty saklaýjynyň arasynda ýüze çykýan, emma BANKYŇ günäsi bolmadyk dawalar we nägilelikler boýunça jogapkärçilik çekmeýär.

7.3. BANK habarçy-banklaryň günäsi bilen ýüze çykýan, MÜŞDERINIŇ hasabyna pul serişdelerini geçirmegiň gijikdirilmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

7.4. Eger tölegleriň gijikdirilmegi MÜŞDERINIŇ bank maglumatlarynyň üýtgändigi barada BANKA wagtynda habar edilmändiginiň netijesinde dörän bolsa, töleglerdäki gijikdirmeler üçin BANK jogapkärçilik çekmeýär.

7.5. MÜŞDERI öz işgärleriniň şu Şertnamanyň №1 Goşundysynda bellenilen düzgünleri bozmaklary bilen ýüze çykan hereketleri üçin doly emläk we maliýe jogapkärçiligi çekýär.

7.6. MÜŞDERI şu Şertnamanyň 4.1.6. we 4.2.1. bölümlerinde, göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda olaryň hasaplaşyk hasabyna gelip düşmedik serişdeler boýunça BANK jogapkärçilik çekmeýär.

## 8. Fors-mažor ýagdaýlary

8.1. Eger şu Şertnama boýunça borçnamalaryň dolulygyna ýa-da bölekleýin ýerine ýetirilmezligi degişli Tarapyň öňünden görüp bilmedik we oýlanyşykly çäreler bilen öňüni alyp bilmedik, adatdan daşary häsiýetli ýagdaýlaryň (fors-mažor) netijesinde ýüze çykan, öňüni alyp bolmaýan ýagdaýlar sebäpli bolsa, şol Tarap jogapkärçilikden boşadylýar. Adatdan daşary häsiýetli şeýle ýagdaýlara: suwuň joşmagy, ýangyn, ýer titreme we beýleki tebigy hadysalar, aragatnaşyk ulgamlaryndaky näsazlyklar we bökdençlikler, şeýle hem uruş ýa-da harby hereketler, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň namalary ýa-da hereketleri bilen baglanşykly islendik beýleki ýagdaýlar degişlidir.

8.2. Şu Şertnamanyň 7.1 bölüminde görkezilen ýagdaýlar başlananda, şu Şertnama boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmezlik ýagdaýa sezewar bolan Tarap 10 (on) günüň dowamynda olar barada ýazmaça görnüşde beýleki Tarapa habar bermelidir. Habarnama ygtyýarly edaralar tarapyndan tassyklanmalydyr we onda ýagdaýlaryň häsiýeti baradaky maglumatlar, şeýle hem, mümkin boldugyça, Tarapyň şu Şertnama boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmek mümkinçiligine edýän täsiri beýan edilmelidir.

## 9. Dawalaryň çözülmegi

9.1. Şu Şertnama ýerine ýetirilende ýüze çykyp biljek ähli dawalar we nägilelikler, mümkin boldugyça, Taraplaryň arasynda gepleşikler ýoly bilen çözmelidir.

9.2. Eger Taraplar ylalaşyga gelip bilmeseler, dawalar we nägilelikler Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinde hereket edýän kanunçylyga laýyklykda düzgünleşdirilmäge degişlidir.

## 10. Şertnamanyň hereket edýän möhleti we ony ýatyrmagyň tertibi

10.1. Şu Şertnama taraplar oňa gol çeken seneden güýje girýär we bir ýylyň dowamynda hereket edýär.

10.2. Bank aşakdaky ýagdaýlarda şu Şertnamany birtaraplaýyn tertipde ýatyrmaga hukugy özünde galdyrýar, eger:

10.2.1. MÜŞDERI tarapyndan kartlary kabul etmegiň ýa-da slipleri resmileşdirmegiň kadalaryny yzygiderli bozulýan bolsa.

10.2.2. MÜŞDERI tarapyndan 60 günüň dowamynda kartlaryň ulanylmagy bilen geçirilýän amallar boýunça slipleri BANKA berilmeýän bolsa.

10.2.3. MÜŞDERI tarapyndan gurnalan terminal boýunça 60 günüň dowamynda hiç hili tranzaksiýa geçirilmeýän bolsa.

10.2.4. MÜŞDERI tarapyndan berlen enjamy beýleki taraplara kärendesine ýa-da ulanmaga berlen bolsa.

10.2.5. BANK tarapyndan MÜŞDERÄ berlen enjamyň sowuk-sala ulanmagynyň netijesinde enjamyň hatardan çykmagy.

10.3. Eger Şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlanmazdan 60 gün öňünden Taraplaryň hiç biri-de ony ýatyrmak barada habar bermese, şu Şertnama indiki möhlete uzaldylan hasaplanýar.

10.4. Taraplaryň her biri, Şertnamanynyň ýatyrylmagy göz öňünde tutulýan seneden 60 gün öňünden beýleki Tarapa ýazmaça habar bermek bilen, şu Şertnamany wagtyndan öň ýatyryp biler. Şunda Taraplaryň kartlar bilen amallar boýunça biri birine nägilelikleri töleg ulgamlarynyň kadalaryna we Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda bildirilip bilner.

10.5. Şu Şertnamanyň ýatyrylan ýagdaýynda, Taraplar şertnamanyň ýatyrylan senesinden soňra 60 gün möhletde ähli özara hasaplaşyklary doly möçberde geçirmeli.

10.6. Şu Şertnamanynyň ýatyrylan senesinden 1 (bir) ýylyň dowamynda, töleg ulgamlarynyň we emitent banklarynyň MÜŞDERIDE kartlaryň ulanylmagy bilen geçirilen amallar boýunça berlen nägilelikleriniň esasynda, BANKYŇ hasabyndan alnan ähli pul möçberlerini MÜŞDERI jedelsiz tertipde BANK tarapyndan nägilelik bildirilen seneden bir aý möhletde BANKA töleýär.

## 11. Enjamy bermegiň tertibi

11.1. BANK şu şertnamada göz öňünde tutulan enjamy, SIM karty we oňa degişli zerur bolan serişdeleri ulanmak üçin gurat ýagdaýda kabul ediş-tabşyryş namasyna laýyklykda wagtlaýyn ulanyşa berýär.

11.2. MÜŞDERI şu şertnamada göz öňünde tutulan enjamy, SIM karty we oňa degişli zerur bolan serişdeleri ulanmak üçin gurat ýagdaýda kabul ediş-tabşyryş namasyna laýyklykda wagtlaýyn ulanyşa alýar.

11.3. Şertnamanyň ýatyrylan ýagdaýynda, MÜŞDERI şu Şertnamanyň 11.2. bendine görkezilenleri 10 (on) gününiň dowamynda kabul ediş-tabşyryş namasynyň esasynda gurat ýagdaýda BANKA gaýtaryp bermelidir.

## 12. Gizlinlik

12.1.Taraplar şu Şertnamana bilen baglanşykly gizlin maglumatlary Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynyň esasynda alyp barýarlar we şol maglumatlar taraplaryň ylalaşygy bolmazdan ýaýradylmaga degişli däldir.

## 13. Jemleýji düzgünler

13.1. Şu Şertnamanyň we onuň Goşundylarynyň düzgünleriniň ähli üýtgetmeleri ýazmaça görnüşde düzülip, iki Tarap gol çeken ýagdaýynda güýçli bolar.

13.2. Taraplaryň arasynda şu Şertnamanyň mazmunyna degişli, Şertnama gol çekilmezden öň bolan ähli ylalaşyklar, gepleşikler we alşylan hatlar şu Şertnama gol çekilen seneden güýjüni ýitirýärler.

13.3. Şu Şertnama we onuň Goşundylary Taraplaryň hersi üçin birmeňzeş hukuk güýji bolan iki asyl nusgada düzüldi.

13.4. Şu Şertnama goşulýar:

13.4.1. Bank kartlarynyň eýelerine hyzmat edilende howpsuzlyk çäreleri hakynda gözükdiriji (1-nji Goşundy).

13.4.2. Müşderi baradaky maglumatlaryň hasaba alynmagy/ üýtgedilmegi hakyndaky arza (2-nji Goşundy);

13.4.3. Söwda-hyzmat ediş nokady baradaky maglumatlaryň bellige alynmagy/üýtgedilmegi barada Arza (3-nji Goşundy).

13.4.4. Söwda-hyzmat ediş nokady hyzmat edilmegi üçin Bank tarapyndan alynýan tölegiň möçberi (4-nji Goşundy).

13.4.5. Söwda-hyzmat ediş nokady boýunça Sylaglandyrmak (Cash back) hyzmatyna degişli tölegleri (5-nji Goşundy).

13.5. Şu Şertnamanyň 13.4 bölüminde görkezilen Goşundylar şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

## 14. Taraplaryň hukuk salgylary we bank maglumatlary

| **BANK:** | **MÜŞDERI:** |
|---|---|
| Hukuk sakgysy: Türkmenistan, Aşgabat ş., Garaşsyzlyk , 32 | Hukuk sakgysy: Türkmenistan, |
| Hakyky salgysy: Türkmenistan, Aşgabat ş., Garaşsyzlyk , 32 | Hakyky salgysy: Türkmenistan, |
| tel: 40-60-40 | Bank maglumatlary: |
| fak: 40-65-63; 40-65-95 | Bankyň ady: |
| | BAB (MFO): |
| | Aragatnaşyk hasaby: |
| | Hasaplaşyk hasaby: |
| | tel: faksy: |
| **Bankyň adyndan:** | **Müşderiniň adyndan:** |

Müdiriýetiň başlygynyň orunbasary Wezipesi:

Goly F.A.A.a. Goly F.A.A.a.
M.Ý. M.Ý.

Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda ______belgili Şertnamanyň **1-nji belgili goşundysy**

**Bank kartlaryny saklaýjylara hyzmat edilende howupsyzlak çäreleri hakynda**

## GÖZÜKDIRIJI

### 1. Umumy düzgünler

1.1. Şu Gözükdiriji Müşderiniň işgäriniň bank kartlaryny saklaýjylaryna hyzmat edende berjaý etmeli esasy howpsuzlyk çärelerini kesgitleýär.

1.2. Bank karty harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) tölegini tölemek ýa-da nagt pul serişdelerini almak üçin niýetlenýär. Ol ony çykaran bankyň eýeçiligi bolup durýar.

1.3. Kart onuň eýesine diňe şahsy maksatlarda ulanmak üçin berilýär. Kar saklaýjy baradaky maglumatlar kartda görkezilýär. Karty saklaýjynyň ony kimdir-birine bermäge hukugy ýok.

1.4. Kart bilen **bikanun amal** diýip şulara düşünilýär:

- kartyň kesekiniň adyna ulanylmagy ýa-da ulanmak synanyşygy;
- kartyň belgisiniň kezzapçylyk bilen ulanylmagy;
- galp kartyň ulanylmagy ýa-da kartyň özüni galplaşdyrylmagy (basma/embossirlenen maglumatlaryň üýtgedilmegi, magnit zolagynyň gaýtadan kodlaşdyrylmagy we başgalar);
- slipleriň alnan blanklaryny we öz kärhanasyna degişli bolmadyk slipleriň blanklarynyň kezzapçylyk ýoly bilen ulanylmagy;
- kartyň galyp yzyna goşmaça nyşanlary/ýazgylary etmek;
- slipi galplaşdyrmak;
- diňe embossirlenen maglumatlary bolan ýerini tutujy galyplyk asyl nusgadaky kartyň ýerine maglumatlary meňzeş kartlary ulanmak (t.n. “ak plastik”);
- slipe Bankda alynmadyk awtorlaşdyrma koduny ýazmak;
- kartyň eýesi tarapyndan bikanun ulanylmagy (kartyň başga adama peýdalanmaga berilmegi, maglumatlara üýtgetmeleriň girizilmegi, magnit zolagynyň gaýtadan kodlaşdyrylmagy, kartyň maglumatlarynyň kezzapçylyk maksatlarynda ulanylmagy we başgalar).

### 2. Bank kartlaryny saklaýjylara hyzmat edilende howupsyzlyk çäreleri

2.1. Kart hyzmat edilmäge kabul edilende şu kadalara esaslanmaly:

2.1.1. Kartda keseki ýelimkagyzlarynyň ýokdugyna göz ýetirmek, olaryň bolan ýagdaýynda karty müşderä gaýtaryp bermek;

2.1.2. Kartyň zaýalanan (sypjyryk, döwük, jaýryk, kart epilen bolmaly däl) ýeriniň ýokdugyna göz ýetirmeli;

2.1.3. Kart töleg ulgamlarynyň ähli standartlaryna laýyk gelýändigine göz ýetirmeli:

2.1.3.1. VISA

**Ýüz tarapynda şular ýerleşmeli:**

- emitentiň (karty çykaran bankyň ýa-da maliýe kompaniýasynyň) ady we/ýa-da kartyň ýokarky böleginde ýerleşen olaryň nyşany ýa-da kartyň görnüşi ( Elektron, Classic, Business, Gold we ş.m.);

- Kartyň embossirlenen belgisi. VISA kartyň belgisi hemişe "**4**" san belgisinden başlanýar we **16** san belgiden (dört topar dörtden) ybarat bolýar.

- BIN'a (BANK IDENTIFICATION NUMBER) çaphana usulynda belgilenen ilkinji dört ýa-da alty san belgi hem kartyň embossirlenen belgisiniň üstünde hem-de onuň aşagynda ýerleşip biler. Olar kartyň belgisiniň ilkinji dört (alty) san belgisine hökmany suratda laýyk gelmeli;

- VISA nyşany (VISA ýazgyly üç reňkli baýdajyk) ýa-da ak meýdançada VISA ýazgysy – kartyň ýokarky sag ýa-da aşaky burçunda;

- Kepderiniň gologrammasy –kartynyň sag tarapynda VISA nyşanynyň üstünde ýa-da aşagynda - Visa Elektron,Visa Classic, Visa Gold, Visa Business kartlary üçin. Belginiň soňky dördünji ýa-da üçünji san belgisi gologrammada embossirlenen;

- Kartyň hereket edýän möhleti. Ol başlanýan senesini we onuň tamamlanýan senesini (meselem 01/16 01/18)) aňladýar. Kämahal kartyň hereket edýän möhleti diňe onuň tamamlanýan senesini görkezip bilýär. Hereket edýän möhletiniň başlanýan we tamamlanýan seneleri kartyň belgisini aşagynda ýerleşen. Kart onda görkezilen aýyň birinji

gününiň 00 sagadyndan (bu ýagdaýda – 2016-nji ýylyň 1-nji ýanwarynyň sagat 00) onda görkezilen aýdan soň gelýän birinji günüň 00 sagadyna çenli) bu ýagdaýda – 2018-nji ýylyň 1-nji ferwalynyň sagat 00 çenli) güýjüni saklaýar. Kart diňe onuň hereket edýän möhletiniň dowamynda hyzmat edilmäge kabul edilýär;

- VISA (*V*) kartynyň gorag nyşany sag tarapdan hereket edýän möhletiniň senesi bilen bir derejede - Visa Classic, Visa Gold, Visa Business kartlary üçin;
- kartyň hereket edýän möhletiniň senesiniň aşagynda eýesiniň ady we familiýasy embossirlenen, emma käbir ýagdaýlarda olar bolman hem biler;
- VISA nyşanynyň daşynda iň kiçi basma harpy bilen Bin ýa-da karty taýýarlaýjy kompaniýanyň kody belgilenýär;
- ultramelewşe şöhlelerde kartyň merkezinde VISA nyşanynyň şekili – kepderi peýda bolýar;
- Kartda goşmaça maglumat görkezijisi hökmünde mikroçip bolup biler.

**Arka tarapynda şular ýerleşen**

- Magnit zolagy – kartyň ýokarky böleginde;
- magnit zolagyň aşagynda – eýesiniň golunyň nusgasy ("AUTHORISED SIGNATURE") üçin ýer, goluny ol karty alanda goýýar. Gol şarly ruçka bilen goýulmaly.
- Kartyň arka tarapynda, kada bolşy ýaly, kartyň emiten-bankyň eýeçiligi bolup durýandygy, diňe ýüz tarapynda ady embossirlenen adam tarapyndan ulanyp bilinýändigi hem-de kartyň bikanun ulanylmagy kanun boýunça yzarlanýandygy, şeýle hem emitent bankyň salgysy görkezilýär.

2.1.3.2. **Visa TVEB**

**Visa TVEB kartlaryna ýokarda agzalan Visa kartlarynyň şol bir tapawutlandyryjy alamatlary ulanylýar we mundan başga-da:**

**-** kartyň ýokarky böleginde emitentiň ady (THE STATE BANK FOR FOREIGN ECONOMIC AFFAIRS OF TURKMENISTAN) we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň nyşany görkezilýär;
- Visa TVEB kartlarynyň BIN (ýagny kartlaryň ilkinji 6 san beligi): 440251, 440252, 478719.

2.1.3.3 **MasterCard**

**Ýüz tarapynda şular ýerleşmeli**

- emitentiň (karty çykaran bankyň ýa-da maliýe kompaniýasynyň) ady we/ýa-da kartyň ýokarky böleginde ýerleşen olaryň nyşany ýa-da kartyň görnüşi (Maestro, Standart, Business, Gold);
- Kartyň embossirlenen belgisi. MasterCard kartyň belgisi hemişe "5" ýa-da "6" ýa-da "2" san belgisinden başlanýar we **16** san belgiden (dört topar dörtden) ybarat bolýar.
- BIN'a (BANK IDENTIFICATION NUMBER) çaphana usulynda belgilenen ilkinji dört ýa-da alty san belgi hem kartyň embossirlenen belgisiniň üstünde hem-de onuň aşagynda ýerleşip biler. Olar kartyň belgisiniň ilkinji dört (alty) san belgisine hökmany suratda laýyk gelmeli;
- MasterCard nyşany (iki kesişýän tegelek)– kartyň sag aşaky burçunda;
- Belginiň soňky dördünji ýa-da üçünji san belgisi gologrammada embossirlenen;
- Kartyň hereket edýän möhleti. Ol başlanýan senesini we onuň tamamlanýan senesini (meselem 01/16 01/18)) aňladýar. Kämahal kartyň hereket edýän möhleti diňe onuň tamamlanýan senesini görkezip bilýär. Hereket edýän möhletiniň başlanýan we tamamlanýan seneleri kartyň belgisini aşagynda ýerleşen. Kart onda gşrkezilen aýyň birinji gününiň 00 sagadyndan (bu ýagdaýda – 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwarynyň sagat 00) onda görkezilen aýdan soň gelýän birinji günüň 00 sagadyna çenli) bu ýagdaýda – 2018-nji ýylyň 1-nji ferwalynyň sagat 00 çenli) güýjüni saklaýar. Kart diňe onuň hereket edýän möhletiniň dowamynda hyzmat edilmäge kabul edilýär;
- kartyň hereket edýän möhletiniň senesiniň aşagynda eýesiniň ady we familiýasy embossirlenen, emma käbir ýagdaýlarda olar bolman biler;
- MasterCard nyşanynyň daşynda iň kiçi basma harpy bilen Bin ýa-da karty taýýarlaýjy kompaniýanyň kody belgilenýär;
- Kartda goşmaça maglumat görkezijisi hökmünde mikroçip çep tarapynda ýerleşýär.

**Arka tarapynda şular ýerleşen**

- Magnit zolagy – kartyň ýokarky böleginde;
- magnit zolagyň aşagynda – eýesiniň golunyň nusgasy ("AUTHORISED SIGNATURE") üçin ýer, goluny ol karty alanda goýýar. Gol şarly ruçka bilen goýulmaly.
- Kartyň arka tarapynda, kada bolşy ýaly, kartyň emiten-bankyň eýeçiligi bolup durýandygy, diňe ýüz tarapynda ady embossirlenen adam tarapyndan ulanyp bilinýändigi hem-de kartyň bikanun ulanylmagy kanun boýunça yzarlanýandygy, şeýle hem emitent bankyň salgysy görkezilýär.
- Kartyň çep aşaky burçunda gorag gologramma ýerleşýär.

2.1.3.4 **MasterCard TVEB**

**MasterCard TVEB kartlaryna ýokarda agzalan MasterCard kartlarynyň şol bir tapawutlandyryjy alamatlary ulanylýar we mundan başga-da:**

**-** kartyň ýokarky böleginde emitentiň ady (THE STATE BANK FOR FOREIGN ECONOMIC AFFAIRS OF TURKMENISTAN) we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň nyşany görkezilýär;
- MasterCard TVEB kartlarynyň BIN (ýagny kartlaryň ilkinji 6 san beligi): 541981, 677695, 544242

2.1.3.5 **Millikart TVEB**

**MilliKart kartlaryndaşu tapawutlandyryjy alamatlar bar:**

- kartyň ýokarky böleginde emitentiň ady (THE STATE BANK FOR FOREIGN ECONOMIC AFFAIRS OF TURKMENISTAN) we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň nyşany görkezilýär;
- MilliKart kartlaryň BIN (ýagny kartlaryň belgilerinde ilkinji alty san belgisi): 601584.

2.1.4. Kartda kartyň bir ýurt tarapyndan ulanylmaly sebitini çäklendirýän ýazgynyň «Valid only in (ýurduň ady)» ýokdugyna göz ýetirmeli. «Valid only in Turkmenistan» - «Diňe Türkmenistanda güýji bar» görkezilen kartlar muňa degişli däl. Şeýle kartlar tölege kabul edilmelidir.

2.1.5. Kartyň hereket edýän möhletini barlamaly;

2.1.6. Kartyň eýesiniň onda golunyň bardygyny barlamaly. Goluň bolmadyk ýagdaýynda, karty görkezijä şarly ruçka bilen gol çekmek üçin panelde gol çekmegi teklip etmeli, şondan soň kartda goýlan gol bilen müşderiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamadaky we çek/slipdäki gol bilen deňeşdirmeli;

Golsuz kart töleg serişdesi hökmünde kabul edilmeýär.

2.1.7. Elektron terminalyň çeginde, slipde karty görkezijiniň golunyň kartdaky goluň nusgasyna laýyk gelýändigine göz ýetirmeli;

2.1.8. Kartyň belgisi, hereket edýän möhleti, terminalyň çegindäki familiýa we ady (çekdäki familiýa we at bolman biler) berlen kartdaky maglumatlara laýyk gelýändigine göz ýetirmeli – kartyň magnit zolagynyň galplaşdyrylan ýagdaýynda laýyk gelmezligi mümkin.

2.1.9. Slip resmileşdirilende, slipde kartyň embossirlenen maglumatlarynyň nyşanlary bilen galdyrylan yzlaryň birmeňzeş aýdyňlygy, ölçegi, ýapgyt burçy we ş.m. bardygyna göz ýetirmeli;

2.1.10. Kartyň onuň eýesi bolmadyk şahs tarapyndan berlendigi babatda şübhe dörände, şahsyýeti tassyklaýan resminamalaryň berilmegini soramaly hem-de kartyň maglumatlaryny şahsyýeti tassyklaýan resminamalarda görkezilen maglumatlar bilen deňeşdirmeli;

2.1.11. Şahsyýeti tassyklaýan resminamalaryň talap edilen ähli ýagdaýlarynda hökmany ýagdaýda suraty karty görkezijiniň şahsyýeti bilen deňeşdirmeli.

2.2. Ýokardaky 2.1 bölüminde agzalan şertleriň biriniň hem bolsa bozulandygy anyklananda, Müşderiniň işgäriniň karty hyzmat etmäge kabul etmän biler.

2.3. Amal resmileşdirilip tamamlanýança kart we berlen resminamalar Müşderiniň işgärinde bolmaly; karty müşderiniň eliniň ýetip bilmejek, emma gözüniň ýetýän ýerinde ýüz tarapy ýokaryk saklamaly.

2.4. Kartlaryň standartlara laýyk gelmeginden başga, berlen resminamalaryň hakykylygyndan we gollaryň gabat gelmeginden başga, KARTYŇ EÝESINIŇ ADATY DÄL GÖRNÜŞDE ÖZÜNI ALYP BARMAGYNYŇ ALAMATLARY hem aýratyn üns bermegi talap edýär. Olara:

- aljyraňňylyk;
- amal geçirilen wagty kassiriň ünsüni sowmak synanyşygy;
- kassire ruhy taýdan täsir etmek synanyşygy;
- çeke/slipe gol çekilende, goly galplaşdyrmak üçin aýdyň synanyşyga çenli ynamlylygyň bolmazlygy;
- kartyň eýesiniň daş keşbiniň satyn alynýan harydyň häsiýetine we gymmatyna laýyk gelmezligi;
- görnetin owkun harydyň satyn alynmagy –kartyň ulanyp bolýandygyny barlamak mümkinçiligi;
- söwda nokadynda awtorlaşdyrylan bellenilen çäkleriň derejesi baradaky meseleler;
- bir alyjy tarapyndan ep-esli pul möçberde birnäçe birmeňzeş zatlaryň satyn alynmagy;
- birneme wagtyň geçmegi bilen şol söwda nokady üçin bellenilen çäkden geçmeýän pul möçberine barabar birnäçe zatlaryň satyn alynmagy;
- harydyň ölçegine, görnüşine ýa-da bahasyna üns bermezden meýilleşdirilmedik söwdanyň amala aşyrylmagy;
- alyjynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalaryň onuň maşynda galandygyny aýtmagy ýa-da onuň soňrak getirip berjek nagt pullary bilen hasaplaşmagy teklip etmegi;
- karty görkezijiniň ony girew goýmagy teklip etmegi;
- barlydygyny, barly adamyň esbaplaryny bilgeşleýin görkezmegi we ş.m.

Bank kartlary bilen kezzapçylykda ýöriteleşýän barypýatan jenýatçynyň keşbi diýseň ynandyryjy bolup görünýändigini we kartlary kabul etmegiň kadalaryny diýseň gowy bilýändigini nazara almak gerek.

**2.5. KARTYŇ GALPDYGY ÝA-DA ONUŇ EÝESI DÄL ADAM TARAPYNDAN BERLENDIGI BABATYNDA ŞÜBHE DÖRÄNDE AMALYŇ PUL MÖÇBERINE GARAMAZDAN, AWTORLAŞDYRYLAN SORAG-IDEGI GEÇIRMEK GEREK.**

2.5.1. Awtorlaşdyrylan sorag-ideg geçirilende şulary nazara almak gerek:

- **awtorlaşdyryş soralan (alnan) hasabyň eýesi – tölege ukyply adamdygy,** kassir hasabyň eýesi şol wagt öz öňünde durandygyna göz ýetirmeli;
- **awtorlaşdyryş kody galp kartlara, şeýle hem ogurlanandygy/ýitendigi baradaky habar emitent banka gowuşmadyk kartlara berlip bilner.**

**Şeýlelikde, awtorlaşdyrma kody alnanda kart boýunça hyzmat etmek üçin hemişe esas bolup bilmez.** Mundan başga-da, eger Müşderiniň işgäri berlen kartyň bikanun ulanylýandygyna göz ýetiren bolsa, ol Müşderiniň işgäriniň karary bilen alnyp bilner.

- Kart alynmazdan öň, awtorlaşdyrma gullugy bilen maslahatlaşmak gerek. Deslapdan hökmany suratda elektron terminalyň çegini/slipini resmileşdirmeli we kartyň eýesine gol çekmek üçin bermeli, soňundan şahsyýeti tassyklaýan resminamalary bermegi soramaly (mümkin bolsa, gorag gullugynyň/polisiýanyň işgäriniň gatnaşmagynda).

**Müşderi tarapyndan resminamalaryň berilmegi zerur bolan ähli ýagdaýlarda elektron terminalyň çeginiň/slipiniň ýüz tarapynda kartyň eýesiniň anyklaýjy maglumatlaryny ýazmaly, mümkin bolsa – olardan nusgasyny almaly.**

2.5.2. “Elinden almaly – kezzapçylyk” awtorlaşdyrma buýrugy alnanda, hökmany suratda şahsyýeti tassyklaýan resminamalary talap etmeli. Müşderiniň agzalan resminamalary bolmadyk ýagdaýynda, eýesiniň suraty bolan beýleki

resminamalar, meselem, sürüjilik şahadatnamasy, diplomatyň, žurnalistiň, işewüriň hasaba alyş resminamasy we ş.m. kabul edilip bilner.

**2.5.3. Galp kartlar bilen köplenç galp daşary ýurt pasportlarynyň hem berilýändigini nazara alyp, şeýle resminamanyň birini barlamak bilen çäklenmeli däl.**

2.5.4. Resminamadaky suraty karty görkezijiniň şahsyýeti bilen deňeşdirmeli.

**2.5.5. Kartyň kesekiniň adyna ýa-da galp kartyň ulanylma fakty anyklananda, gorag gullugynyň ýa-da polisiýa işgäriniň kömegi bilen jenaýatçyny saklamak üçin ähli çäreleri görmeli.**

2.5.6. Kartyň bikanun saklaýjysy hukukgoraýjy edaralar tarapyndan saklanan ýagdaýynda, kartyň alnandygy barada delilnama düzmeli, onda jenaýatçyny saklan polisiýa işgäriniň familiýasyny, gulluk şahsyýetnamasynyň belgisini, polisiýa bölüminiň telefon belgisini görkezmeli. Gologramma zyýan ýetirmän, karty gol üçin zolak bilen magnit zolagynyň arasynda takmynan 2/3 kesmeli we doldurylan slipi ýok etmeli. Delilnamada kartyň polisiýa işgäriniň gatnaşmagynda kesilendigi görkezilmeli polisiýa işgäri kartyň alnandygy baradaky delilnamada gol çekdirmeli.

**2.6. KARTY ALMAK ÜÇIN ESAS ŞULARDYR:**

2.6.1. Elektron terminal boýunça ýa-da Awtorlaşdyryş merkezinden şu buýruklaryň alynmagy:

- PICK UP (sebäbini düşündirmän karty almaly);
- PICK UP FRAUD (karty almaly – kezzapçylyk);
- "kartyň nädogry belgisi" (galp kart, awtorlaşdyryş ulgamynyň ýüz döndermegi);

2.6.2. Kartyň keseki adamyň adyna ulanylmaga synanyşyk (kartyň beren adamyň golunyň saklaýjynyň kartdaky golunyň nugsasyna laýyk gelmezligi we şol bir wagtda şol adamyň görkezen ýa-da onda tapylan resminamalardaky FAA-nyň kartdaky maglumatlara laýyk gelmezligi, şeýle hem karty görkezijiniň şahsyýetiniň resminamalardaky surata laýyk gelmezligi);

2.6.3. Düýpli zaýalanmalaryň (döwükleriň, kesikleriň bolmagy, ütüklenen bolmagy we slipde okalmaýan yz galdyrýan bolsa);

2.6.4. Kartyň galplaşdyrylandygynyň aýdyň alamatlarynyň bolmagy:

- magnit zolagynyň galplaşdyrylmagy (elektron terminalyň hasabyndaky kartyň belgisi berlen kartdaky embossirlenen belgisine laýyk gelmeýär);
- kartyň belgisiniň aýry-aýry belgileri, hereket edýän möhleti ýa-da familiýanyň we adyň harplary täzeden basylan ýa-da ýelmenen bolmagy, munuň özi adatça kartyň aýry-aýry ýerlerinde ýalpyldynyň bozulmagyna getirýär;
- goluň hakyky nusgasy ýuwlan ýa-da kem-käsleýin sürtülen, täze gol goýlan.

**Kartyň alnan ýagdaýynda şahsyýeti tassyklaýan resminamalaryň berilmeginiň talap edilmegi hökmany bolup durýar.**

2.7. Alnan ýa-da tapylan kart üç gün möhletde soňundan emitent banka bermek üçin Bank kartlary bilen işleýän bölüme hökmany suratda tabşyrylmaga degişli.

2.8. Elektron terminalyň ulanylmagy bilen ýa-da slip boýunça geçirilen amalyň pul möçberiniň Bank tarapyndan tölenmegi, eger derňewiň barşynda şular anyklanan bolsa, elektron terminalyň çeginiň /slipiň hakykylygynyň Bank tarapyndan ykrar edilmegini fakty hökmünde garalmaz:

- elektron terminalyň çegindäki maglumatlar berlen kartdaky maglumatlar bilen laýyk gelmeýär (magnit zolagynyň galplaşdyrylmagy);
- slip “ak plastikden” yz bolup durýar;
- slip galplaşdyrylan;
- slipiň şol Müşderä iberilmedik blanky ulanylypdyr;
- slipde awtorlaşdyryş kodunyň galp, asla bolmadyk, ýagny Bankyň awtorlaşdyryş merkezinde alynmadyk belgisi görkezilen. Munuň zerur we ýeterlikli subutnamasy diýip Bankyň we şol bir wagtda Visa we MasterKart töleg ulgamlarynyň sebitdäki awtorlaşdyrylan merkezlerindäki kompýuterde çap edilen slipde görkezilen kodunyň bolmazlygy.

Tranzaksiany resmileşdirmegiň barşynda ýüze çykýan ähli meseleler ýa-da hereketleriň dogrudygy babatynda şübhelenmeler boýunça ýardam bermegi sorap, Bank kartlary bilen işleýän bölüme ýüz tutmaly, bu bölüm hemişe kömek etmäge we maslahat bermäge taýýar.

Biziň telefonlarymyz: 40-64-17/40-64-19/40-64-29/40-64-30/40-64-31,406025 (09:00-18:00).

Awtorlaşdyryş Merkeziniň telefony: (99312) 406008 (gije-gündiz).

Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda ______belgili Şertnamanyň **2-nji belgili goşundysy**

**Müşderi baradaky maglumatlaryň bellige alynmagy/üýtgedilmegi barada**
**Arza**
(basma harplar bilen doldurylýar)

| | |
|---|---|
| Müşderiniň hukuk ady: | |
| Rus dilinde | |
| Iňlis dilinde | |
| Hukuk salgysy | |
| Poçta salgysy<br>*kartlar bilen amallar boýunça hasabat bermek üçin (indeksi, şäher, köçe, jaý)* | |
| Bank maglumatlary: | |
| Hasaplaşyk hasaby açylan bankyň ady | |
| MFO | |
| Aragatnaşyk hasaby | |
| Hasaplaşyk hasabynyň belgisi | |
| Walýuta hasaby açylan bankyň ady | |
| MFO | |
| Aragatnaşyk hasaby | |
| Walýuta hasabynyň belgisi | |
| HSB | |
| Işgärleriň sany | |
| Ýolbaşçy baradaky maglumatlar:<br>Wezipesi, F.A.A.a. | Başlygy |
| Aragatnaşyk telefony, faks, e-mail | |
| Oturdyljak terminallaryň sany | |
| **Taraplaryň gollary:** | |
| **Bankyň adyndan:**<br>**Müdiriýetiň Başlygynyň Orunbasary**<br><br>____________________**m.ý.** | **Müşderiniň adyndan:**<br><br><br>_____________________________ **m.ý.** |

Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda ______belgili Şertnamanyň **3-nji belgili goşundysy**

**Söwda-hyzmat ediş nokady baradaky maglumatlaryň bellige alynmagy/üýtgedilmegi barada**

**Arza**

(basma harplar bilen doldurylýar)

| | |
|---|---|
| Müşderiniň hukuk ady: | |
| Hukuk salgysy | |
| Söwda-hyzmat ediş nokadyň ady | |
| Söwda-hyzmat ediş nokadynyň ýerleşýän ýeri *(şäher, köçe, jaý)* | |
| Söwda-hyzmat ediş nokadynyň aragatnaşyk saklaýan wekili *(F.A.A.a.)* | |
| Telefon belgisi, şol sanda şäheriň kody | |
| Iş tertibi | |
| Hödürlenýän harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň gysgaça beýany | |

**Taraplaryň gollary:**

**Bankyň adyndan:**

**Müdiriýetiň Başlygynyň Orunbasary**

______________________**m.ý.**

**Müşderiniň adyndan:**

______________________________ **m.ý.**

---

***PM-nyň işgärleri tarapyndan doldurylýar***

| | |
|---|---|
| **Maliýe edarasy** | |
| **Goşmaça edara** | |

| **Müşderi** | | **Ýerleme nokady** | | **Terminalyň görnüşi** |
|---|---|---|---|---|
| Bellige alyş | | Bellige alyş | | |
| Üýtgetme | | Üýtgetme | | |
| Goşmaça | | Goşmaça | | |

**Hyzmat haky:**

| Töleg ulgamy | Hyzmat hakynyň göterimi |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |

**Ýerleme nokadynyň anyklaýjysy:**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | *I S O - К О Д* |
| | | | | | | | | *P O S* |
| | | | | | | | | *P O S* |
| | | | | | | | | *P O S* |
| | | | | | | | | *P O S* |
| | | | | | | | | *P O S* |
| | | | | | | | | *I M P R* |

Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda ______belgili Şertnamanyň **4-nji belgili goşundysy**

**Söwda-hyzmat ediş nokady hyzmat edilmegi üçin**
**Bank tarapyndan alynýan tölegiň möçberi**

______________________________________________
Müşderiniň hukuk ady

bilen baglaşylan «____»______________20 ý. №_______________ Şertnama laýyklykda

Nokadyň hyzmatlary üçin

| Kartyň görnüşi | Banka tölenmeli töleg, % |
|---|---|
| Beýleki banklar tarapyndan çykarylan Visa/MasterCard karty | Bankyň amala aşyrýan hyzmatlarynyň alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlarynda görkezilen möçberind |
| TDDYIB tarapyndan çykarylan Visa/MasterCard karty | Bankyň amala aşyrýan hyzmatlarynyň alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlarynda görkezilen möçberind |
| MilliKart | Bankyň amala aşyrýan hyzmatlarynyň alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlarynda görkezilen möçberind |
| Enjamy ulanmak bilen baglanyşykly çykdajylary | Bankyň amala aşyrýan hyzmatlarynyň alynýan ýygymlarynyň adaty Nyrhlarynda görkezilen möçberind |

Bank tarapyndan alynýan töleg Müşderiniň harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenýän anyk söwda-hyzmat ediş nokadynda kartyň ulanylmagy bilen geçirilen her amalyň pul möçberinden hasaplanýar.

**Taraplaryň gollary:**

**Bankyň adyndan:**

**Müdiriýetiň Başlygynyň Orunbasary**

___________________________

**Baş buhgalter**

___________________________

**m.ý.**

**Müşderiniň adyndan:**

___________________________

**m.ý.**

Halkara we Milli töleg ulgamlarynyň kartlaryna hyzmat etmek üçin Bank tarapyndan berilen töleg enjamlaryny hasaplaşyklar ulgamyna birikdirmek hakynda ______belgili Şertnamanyň **5-nji belgili goşundysy**

**Söwda-hyzmat ediş nokady boýunça**
**Sylaglandyrmak (Cash back) hyzmatyna degişli tölegleri**

________________________________________________________
Müşderiniň hukuk ady

bilen baglaşylan «____»______________20 ý. №_______________ Şertnama laýyklykda

**Bank tarapyndan Sylaglandyrmak maksatnamasyna birikdirmek üçin alynýan möçberi1:**

| Kartyň görnüşi | Banka tölenmeli töleg, % |
|---|---|
| MilliKart boýunça Sylaglandyrmak maksatnamasyna birikdirmek üçin Bank tarapyndan alynýan möçberi | Müşderi bilen ylalyşylan |
| Goýum bank karty boýunça Sylaglandyrmak maksatnamasyna birikdirmek üçin Bank tarapyndan alynýan möçberi | Müşderi bilen ylalyşylan |
| | |

**Bank tarapyndan bu söwda-hyzmat ediş nokady boýunça Kart saklaýjylara tölenýän Sylaglandyrmagyň (Cash back) möçberi:**

| Kartyň görnüşi | Banka tölenmeli töleg, % |
|---|---|
| MilliKart bank kartlary boýunça Kart saklaýjylara tölenýän Sylaglandyrmagyň (Cash back) möçberi | Müşderi bilen ylalyşylan |
| Goýum bank karty boýunça Kart saklaýjylara tölenýän Sylaglandyrmagyň (Cash back) möçberi | Müşderi bilen ylalyşylan |
| | |

Goşmaça şertleri:

1. Bank tarapyndan alynýan töleg Müşderiniň harytlar (işler, hyzmatlar) üçin bank kartyny ulanylmagy bilen geçirilen her bir amalyň pul möçberinden hasaplanýar.
2. Sylaglandyrmak (Cash back) hyzmaty amala aşyrmak üçin Bank tarapyndan alynýan ýygym möçberiniň hasabyna Bank MilliKart we/ýa-da Goýum bank karty arkaly söwda-hyzmat ediş nokadynda nagt däl tölegleri amala aşyrylanda MilliKart we/ýa-da Goýum bank kartyny saklaýjylara Sylaglandyrmak tölener.
3. Sylaglandyrmak (Cash back) hyzmaty Sylaglandyrmak maksatnamasyna gatnaşmaklygyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylar.
4. Söwda-hyzmat ediş nokady bilen bu goşundy gol çekilen ýagdaýynda Bank söwda-hyzmat ediş nokadynda harytlary/hyzmatlary üçin nagt däl tölegleri amala aşyrylanda MilliKart we/ýa-da Goýum bank karty Kart saklaýjylara Sylaglandyrmagyň möçberi barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly mahabatlandyrylar.

**Taraplaryň gollary:**

**Bankyň adyndan:**

**Müdiriýetiň Başlygynyň Orunbasary**

____________________________

**Baş buhgalter**

____________________________

**m.ý.**

**Müşderiniň adyndan:**

___________________________________

**m.ý.**